# Gelşikli gelne

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gelşikli gelne GELŞIKLI GELNE



Ne derkar üýtgeşik geýimler geýip,
Ses üýtgedip, näzli nazar eýleýip,
Ýaş ýüregi hile bilen awlamak?
Näz edip hem süýji gyjalat berip,
Ony añsat bir ýeñişe çaglamak?
Bu ýalan näziklik gerekmiş kime
Hemem ýersiz ýere utanan bolma.

Biweç hereketler, owadan jilwe,
Leblerñe tebrenme, ýañagña ýanma?
Ýok, hiç peýda bermez bu mekru-allar,
Şylha ýüregiñde durmuş ýok seniñ.
Mende erksiz sowuk gahar-gazap bar.
Ine, şudur soñky jogabym meniñ.
Bu tekepbir, bu gelşikli keşbiñden
Kimler hezl etmedi aýsyz gijeler?
Aýt, seniñ bahaly gapyñ yşkyndan,
Galyp goñşularyñ ykaratyna,
Gör, kimler tapmady bosagañy señ?!
Ýok, ýok, başgalara hödür etgin öz
Solan hem mynçgalan otagyñy sen.
Argyn gujagyñda sypala çalgöz
Bir añsyz, akylsyz biçäräni sen.
Ýöne unut düzen rejäñi sen,
Ylham aşygyny salmarsyñ goýna,
Başymy ýaplaman sowuk boýnuña!
Äkit özgä nyrhly derejäñi sen!
Öz söýgiñe baha gurap, satyşyñ,
Sowuk lebler bilen ýalap ýatyşyñ,
Islegiñ tersine gidýän gylygyñ,
Pula satyn alnan şadyýanlygyñ!
A. S. Puşkin

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW Goşgular